# Nar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nar NAR

Ýetişen nar şahasynda düzümdi,
Gol uzatdym, üç nar birden üzüldi.
Bir şahada ýetişse-de bary,
Görsene, bişmändir ýary.
Biri çala, biri orta, biri öte bişipdir.
Ýogsa ir dal, mazaly güýz düşüpdir.
«Güýz» diýemde, birden tisgindi ýürek,
Ýada düşdi ömrümiňem güýzani.
Gyş geler, müdümi uka gidersiň,
Egsip ýetişmäkäň gorly küýzäňi.
Gelse gelsin gyş ukysy, ol hiç-le,
Ol uka gitmeli, irde ýa giçde.
Esasy zat,
Haýsy nara meňzärkäň?
Çig gelip, çigligňe gitmän,
Bişip ýetişermikäň?

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular